Gözlegçiler 1989 we 1990-njy ýyllarda Hubeý welaýatynda gazuw-agtaryş işlerinde tapylan iki gominid galyndysyny öwrendiler. 1994-nji ýylda hytaýly paleoantropolog Jia Lanpo bu galyndylary tapylan ýeriň hormatyna Yunxian adamy diýip atlandyrdy. Alymlar gominidlere adamlary hem goşýarlar, ýöne jynsy kesgitlemekde adaty jyns kategoriýalary – erkek we aýal däl-de, erkek we dişi ulanylýar.

Şeýlelik bilen, antropologlar tapylan galyndy kelleleriň 800,000-den 1,1 million ýyl ozal ýaşan erkek we dişi gominidlere degişlidigini anykladylar. Gominidler 25-45 ýaş aralygynda ölen.

Alymlar Yunxian adamlarynyň ýüzlerini täzeden döretmegi başardylar. Şu sebäpli hytaý muzeýi gominidleriň täzeden döredilen ýüzlerini köpçülige görkezdi.

Все права защищены